
GORKANA
GOŞA GÖRNER



Bir bar eken, bir ýok eken, bir garryja aýal özüniň agtyjagy we horazy bilen ýaşaýar eken. Günlerde bir gün garry aýal eline bedrelerini alyp, suwa giden.

Muny görüp, agtyjagy hem öz kiçijik bedre-



sini alyp, onuň yzyndan giden. Horazy-da bir bedrejigi ganatyndan ildirip, bularyň yzyndan giden.

Bularyň öýleriniň ýanynda bir syçan ýaşaýar eken. Ol hem bulary görüp, bir bedrejigi aýajygyna ildirip, olaryň yzyndan gidiberen. Bular suw alyp, tirkeşip, öýlerine ugrapdyrlar. Iň öňünde garryja aýal, yzyndan agtygy,





onuň yzyndan horaz, iň yzlaryndan bolsa syçan gelýär eken.

Olaryň barýan ýolunyň gyrasy gür alma agaçlygy eken. Bir agajyň aşagynda bolsa bir towşanjyk ýatan eken. Şol wagt şemal turup, agajy yrgyldadypdyr. Bir alma ýere gaçyp, edil towşanyň maňlaýyna patlap degipdir. Towşanjyk bolsa oýaly-ukuly ýatan ýerinden ýüregi ýarylan ýaly bolup böküp turup, garry aýalyň edil ýanjagazy bilen ga-







çypdyr. Garry aýal gorkusyna bedrelerini taşlap gaçypdyr. Baryp, bir agajyň düýbünde bukulypdyr.

Şol gaçyp barşyna, towşan garrynyň agtyjagynyň üstünden barypdyr. Agtyjagy hem gorkusyna bedresini taşlap, gaçyp baryp, bir ýerde bukulypdyr.

Towşan gorkup, gaty ylgap barýan eken. Şol barşyna horazyň hem üstünden barýar welin, horaz gygyryp, bedresini taşlap gaçyp, bu hem bir ýerde bukulypdyr.



Syçan hem gaçyp barýan towşany görüp, gorkusyna bedresini taşlap, bir hine kürsäp urupdyr.

Garryja aýal:

– Aman-sag aýydan - a gutuldym – diýen.

Agtygy:

– Gör, men nähili bagtly. Möjekden zordan gutuldym – diýen.





Horaz:

– Şagaldan gutulanyma gaty şatlanýaryn. Eger meni tutan bolsa, lak-luk atardy – diýen.



Syçanjyk-da ýakasyna tüýkürip:

– Pişikden gutulanymy toýlaýmaly boldum – diýen.

Towşan bolsa şol gaçyşyna bir gür jeňňele ýetip, ýapraklaryň aşagynda gizlenip, özüni bilmän, köp ýatypdyr.

Bir wagt oýanandan soň, özüne gelip:

– Eger meni tutaýan bolsalar, işimi görerdiler. Duşmanlardan ujyz gutuldym – diýen.



